## Daşary ýurt maýa goýumlary gatnaşýan kärhanalary, olaryň şahamçalaryny we wekilliklerini, şeýle hem daşary ýurt edara görnüşli taraplaryň şahamçalaryny we wekilliklerini bellige almak

Bellige alynmak üçin şu resminamalar berilýär:

bellige almak hakyndaky arza;

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi (kärhananyň esaslyk maýasyna döwletiň gatnaşmagynda esaslandyrylanda);

esaslandyryjynyň kärhanany esaslandyrmak, oňa ýolbaşçy bellemek, onuň tertipnamasyny (düzgünnamasyny) tassyklamak baradaky çözgüdi;

iki nusgada esaslandyryş tertipnamasy (düzgünnamasy);

iki nusgada esaslandyryjylarynyň esaslandyryş şertnamasy (eger esaslandyryjylar şahsy taraplar bolan ýagdaýynda resminama döwlet kepillendiriş edarasy tarapyndan tassyklanýar, eger esaslandyryjylar edara görnüşli taraplar bolsa, resminama Bellige alyş bölümi tarapyndan tassyklanýar);

eger Türkmenistan gatnaşyjysy bolan halkara ylalaşygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, daşary ýurtly esaslandyryjynyň Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky konsullyk edarasy tarapyndan ýa-da Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde bellenen tertipde kanunylaşdyrylan tertipnamasynyň nusgasy;

eger Turkmenistan gatnaşyjysy bolan halkara ylalaşygynda başgaça göz oňünde tutulmadyk bolsa, daşary ýurtly esaslandyryjynyň Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky konsullyk edarasy tarapyndan ýa-da Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde bellenen tertipde kanunlaşdyrylan, edara görnüşli tarapyň ýerleşýän ýerindäki söwda sanawyndan daşary ýurtly esaslandyryjy baradaky bellige alyş göçürmesiniň we bankyň ündew hatynyň asyl nusgalary (Esaslandyryjylar daşary ýurt şahsy taraplar bolan ýagdaýynda, bankyň ündew hatyny asyl nusgada we pasportynyň göçürme nusgasyny berýärler);

goýuma nyrh kesmek baradaky resminama (pul görnüşinde bolmadyk goýumly kärhana esaslandyrylan mahaly)

esaslyk maýasynyň bir böleginiň tölenendigini tassyklaýan resminama;

hukuk salgysynyň tassyk haty (degişli şäher we etrap häkimlikleri tarapyndan berilýär);

statistika edarasynyň bellige alynýanyň göz öňünde tutýan ykdysady iş görnüşleri baradaky maglumat haty (Kärhanalaryň we guramalaryň ykdysady işleriniň görnüşlerine we şertli belgilerine laýyklykda);

esaslandyryjynyň we ýolbaşçynyň şahsy kagyzy we pasportynyň nusgasy;

şahamçanyň, wekilligiň ýolbaşçysyna berilýän, bellenen tertipde resmileşdirilen ynanç hat;

Bellige alyş bölümi tarapyndan kärhananyň adyny tassyklaýan delil hat;

daşary ýurt edara görnüşli taraplaryň Türkmenistana gelmezden ozal daşary ýurtlarda alyp baran işleri baradaky maglumat;

bellige alyş ýygymynyň tölenendigini tassyklaýan resminama